# Gury agaç / powest

Category: Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gury agaç / powest GURY AGAÇ
(powest)

Öl agaçdan hasyl öner,
Gury agaçlar ýanar-söner!
Däli döwran kime döner!
Geçdim ýana-ýana, begler!
(Aýdymdan)

Jemile üýtgeşik bir düýş gördi. Düýşünde ol otly torbasyna ýaplanyp, baýryň gyrasynda dynç alyp otyrmyş. Ondan taýak atymlykda klasdaşlary-da barmyş. Olaryň käsi al-ýaşyl bolup açylan güllerden çemen bogup ýörmüş. Käbiri bolsa dynç alyp otyrmyş.
Şol wagt pel-pelläp, asmandan bir ak guş uçup gelýärmiş. Ol guş şeýle bir tämiz, şeýle bir arassamyş welin, reňki gözüň ýagyny iýip barýarmyş.
Klasdaşy Gunça gygyrýar:
–Eý! Hana, serediň! Bagt guşy!
–Bagt guşy?! –diýip soraýar-da, hemmeler ör turýarlar hem-de çemen bogmalaryny-da goýup, geň galyp, guşy synlaýarlar.
Ak guş pel-pelläp, hemmeleriň depesinden aýlanyp, hiç bir ýere gonman, ganat kakyp durýar. Birdenem ol özüne geň galyp seredişýän ýaş juwanlara ýüzlenip, adam dilinde gürläp başlaýar:
–Näme? Geň galdyňyzmy? Hawa, men Bagt guşy!
–Bagt guşy!–diýip, Jemiläniň klasdaşlary ýene jem bolup seslendiler.
Jemile welin geplemän, elini gözleriniň üstüne kölegeledip, bolýan hadysa aňk bolup seredip otyr.
–Bagt guşy kimiň başyna gonsa, ol dünýäde iň bagtly adam bolýar!–diýip, Gunça ýene seslenýär. –Geliň, oňa ýalbaralyň! Goý, ol hemmämiziňem başymyza gonup çyksyn!

Hemmeler Gunçanyň diýenini edýärler:
—Bagt guşy! Başymyza gonaý! Bagt guşy! Başymyza gonaý!
Bagt guşy pel-pelläp uçup ýörşüne jak-jaklap gülýär hem-de ýene adam dilinde gepleýär:
—Siz köplük, men bolsam, ýeke ahyry! Men siziň haýsy biriňiziň başyňyza gonaýyn!
—Herimiziňkä birje gezek gonup çykaý!—diýip, ýene klasdaşlar jem bolup gygyryşýarlar.
Bagt guşy ýene gülýär:
—Ho-ho-ho-ho! Ýok! Onyňyz bolmaz! Men käte bir adamyň başyna gonup bilýän. Hemmäniň başyna gonup bilemok.
—Wah-eý!—diýşip, hemmeler gynanýarlar. —Hany, gon-da onda, kimiňkä gonsaňam—diýýärler. —Göreli!
Bagt guşy pel-pelläp, her kimiň ýanyna bir baryp çykýar. Iň sonuňda-da Jemiläniň-de golaýyna gelýär. Şol wagt oglanlardan biri:
—Gon, şoň başyna gon!—diýip gygyrýar. —Ol ýetim gyz! Şol bagtly bolsa bolýa!
Jemile: «Gygyran kimkä?» diýip, elini gözleriniň öňünden aýryp seredýär. Bagt guşuna Jemiläniň başyna gonmagy salgy berýän klasdaşy Ýusup eken. «Ýusup!» diýip, içinden gaýtalaýar-da, Jemile onuň öz aladasyny edenine begenýär. Hem Bagt guşuna seredýär. Bagt guşy depesinde pel-pelläp aýlansa-da, Jemiläniň başyna gonuberenok.
Birden Jemiläniň nazary klasdaşy Soltangüle düşýär. Soltangül niredendir bir ýerden-ä gelýär. Ol hiç kime goşulanok. Gül ýygýanlara-da, dynç alýanlara-da goşulanok. Jemiläniňem ýanyna gelenok. Baýryň aňyrsyndan mytdyldap gelýär. Mydama bolşy ýaly, başyndaky ýaglygy-da gyşyk, saçlary tozgalap dur. Özem ho-ol, birinji klasa barandakylary ýaly, eliniň ýeňsesi bilen zol burnuny süpürip goýberýär. Soň bolsa ony köýnegine sürtýär. Zol şeýdip, «Ýöresemmikäm-ýöremesemmikäm?» diýýän ýaly, dähedem-dessem basyp gelýär.
Soltangülüň bolup gelşini soň beýlekilerem görýärler. Onuň bolşuna ýylgyryşýarlar.
—Soltangül! Hana, ýokaryňa seret! Bagt guşy bar!—diýip, Gunça oňa gygyrýar.

Soltangül Bagt guşuna tarap seretmegem islänok. «Äý!» diýýärde, elini geleňsizlik bilen silkip goýberýär hem-de endigi boýunça ýene burnuny süpürýär. Soň burnuna süýkän elini köýnegine çalýar.

Şol pursat hem Bagt guşy pel-pelläp, Jemileden daşlaşýar-da, Soltangülüň başyna gonýar.

—Hih!—edip, bu bolşa hemmeler içlerini çekip, gynanýarlar hem-de geň galýarlar.

Oglanlar bolsa Bagt guşunyň beýtmesine hahaýlaşyp, barmak çommaldyp gülüşýärler:

—Eý, onuň gonýan ýerine serediň-eý!

Batly ýaňlanan gülki sesi Jemiläni ukudan oýardy. Ol oýanyp, gören düýşüne aňka-taňka boldy oturdy. Düýş şeýle bir aýdyňlygy bilen onuň aňyna siňdi welin, misli, düýş däl-de, kino görüp turan ýalydy. Özem özüni diýseň keýpsiz duýdy.

Daşarda kakasy Abdy aga loh-lohlap, bir zada gülýärdi.

«Gijä galdym öýdýän, gelnejem bir oýanmadyk bolaýbilseýdir!» diýip, içini gepletdi-de, Jemile hasanaklap galdy. Düşek-ýorganyny ýygnap, öýüň töründäki öňi demir nagyşly agaç sandygyň üstüne atdy. Penjiräniň öňünden iki tarapy dişli agaç daragy bilen aýnany alyp, alyn saçlaryny timarlady. Soň goşa örülen saçyny kellesine orap, onuňam üstünden ýaglygyny daňdy. Dessine-de daşaryk çykdy. Bolsa-da, gelnejesi turman eken. Kakasy turupdyr. Ony-da goňşulary Gurban aga turzupdyr.

Jemile erkek kişileriň gürrüňine gulak gabardyp durmady. Ýöne ötüp-geçende Gurban aganyň mal bazara mal almaga barýanlygyny çala eşidip galdy.

Jemile el-ýüzüni ýuwup, erik şahasyndan asylgy duran bedräni alyp, sygyr sagmaga gitdi. Sygry sagyp gelip, süýdüni gazana guýup, süýt bişirdi. Ojagyň gapdalyndaky kiçijik çaý ojagyna daşy hüýt gara kitiri suwdan dolduryp goýdy-da, çaý gaýnatdy. Çäýnek-käseleri ýuwup, çaýy demledi. Irden kölege bolansoň, öýüň günbatar gapdalyna düşek atdy. Saçak getirdi.

Gyzynyň çaý demlänini gören Abdy aga düşege geçip, öz çäýnegini öňüne çekip, çaý içip başlady.

Jemile içerik girip, gelnejesini oýaryp gaýtdy.

Abdy aganyň Ogulnäzik atly diýseň gowy aýaly bardy. Oba

arasynda-da onuň sylagy diýseň uludy. Toý bolsun, üýşmek bolsun, Ogulnäziksiz geçmezdi. Toý çelpegem Ogulnäzige ýapdyrardylar, toý çöreginem. Ogulnäzigem il hyzmatyndan gaçmazdy. Çagyrylan ýerine barardy, buýrulan işi ederdi.
Il bilen şeýdip, sylaşyp ýören gelniň başyndan betbagtçylyk indi duruberdi. Ol Jemile dünýä inende ýaş üstünden ýogaldy.
Abdy aganyň Jemileden uly Döndi atly gyzy-da bardy. Ol Ogulnäzik ýogalanda üç ýaşlyja çagajykdy.
Goňşy-golam kömek etse-de, Abdy aga iki sany ýaş çaga bilen galmak diýseň hupbat berdi. Şeýle bolansoň, ol Ogulnäzigiň ýylyny sowandan, goňşy obadan bir dul aýala öýlendi. Dul aýal ýany bilen bir oglanjygam getiripdi. Öweý eje bu gapa gelen pursadyndan Abdy aganyň gyzjagazlaryna mähir bermek islemedi. Yzyna tirkäp gelen öz ogluny welin, bagryna basdy. Abdy aganyň gyzlaryna özüne «eje-de» dýidirmedi. «Gelneje» diýdirdi.
Abdy aga ilki kiçi gyzy Jemiläni öňki aýaly Ogulnäzigiň aýal doganyna äkidip berdi. Soň ese-boýa galansoň, alyp gaýtdy. Dogrusy, Ogulnäzigiň aýal dogany Jemilä-de, Döndä-de seretmegi kyn görenokdy. Ýöne Abdy aga gyzlaryny oňa mydamalyk bermedi.
Ogulnäzigiň aýal dogany ilki-ilkiler Döndi bilen Jemiläni görmäge ýygy-ýygydan gelerdi. Ýöne Abdy aganyň täze aýalyndan ýüz tapmansoň, ol soň-soňlar gelmesini seýrekletdi. Gyzlar ese-boýa galan döwri bolsa ol görgülem ýogaldy oturyberdi. Şeýdip, iki gyz «Enesiz günde ýetim» diýenleri bolup galyberdi.
Dogrusy, Abdy aga gyzlaryny erbet görenokdy. Ýöne duýgusyny daşyna çykarman saklaýardy. Täze aýalyndan çekinýärdi. Dulluk derdini çekip görensoň, täze aýaly onuň gözüne eletmez bir zat bolup görünýärdi. Ony elejiredýärdi, diýseň sylaýardy. Edenine-diýenine «däl» diýenokdy. «Gyz maşgaladyr, ulalansoňlar çykar giderler. Men munuň bilen ömürlik galmaly» diýip, pikir ederdi-de, Abdy aga mydama aýalynyň tarapynda bolardy. Aýaly gyzlaryna käýäende-de, oňa hiç zat diýip durmazdy. Abdy aganyň täze aýaly Täçjemal hem adamsynyň özüne edýän sylagyny duýdy. Öe han boldy. Ol Abdy aganyň gyzlaryny urmady. Ýöne degerlije sözler bilen mazalyja eýlerini ýetirýärdi. Ertirden agşama çenli olary öz hyzmatynda

ylgadýardy. Özem Abdy aga çaga dogrup bermedi. Abdy agadan onuň çagasy bolmady.
Döndi bilen Jemile işe ýaran uçurlaryndan tomusda arkalary bilen ot çekmelidiler, güýzde pagta ýygymyna gitmelidiler, gyşda çölden odun daşamalydylar, ýazda ekinleriň otuny aýryp, gurçuk tutmalydylar. Garaz, görgülijiklere dynç ýokdy. Bu işleriňem üstesine, nahar, kir-çäk, gap-gaç ýuwmak, öýüň syrym-süpürimi, sygyr sagmak, süýt bişirip, gatyk basyrmak, garaz, bar zat şolaryň başynady. Öweý eje Täçjemal bolsa, mydama Abdy aganyň gozakly motoryna atlanyp, ýa ol toýa, ýa beýleki toýa barýandyr, ýa garyndaşlarynyňka, ýa ýene başga ýere şaýlanandyr. Yzyna tirkäp gelen ogly Goşanam alyp, ondan-oňa at salýandyr. Ol kaňkap gelen wagty gyzlar öz etmeli işleriniň ýekejesini edip ýetişmedik bolsalar-da, Täçjemal uly gykylyk turzardy. «Bular hiç wagtam adam bolmaz. Bularyň depgisi ýetenok» diýip, töwerege ýaň bererdi.
Tomusda daň bilen turup, sowuk suwly joýa girip, ýetişen hyýarlary ýolup-ýuwup, kakalaryna bazara taýýarlap bermegem Döndi bilen Jemiläniň boýnunady. On-ýigrimi joýanyň hyýaryny ýolup, ýuwup, kakalaryny ugradanlaryndan soň, olaryň biri öý işi üçin galardy, biri ota giderdi. Tä gün günorta bolýança, günorta çaýyndan soň hem agşama çenli ot çekerdiler. Öýde galmagy-da, ota gitmegi-de gezekleşerdiler.
Täçjemalyň yzyna tirkäp gelen ogly Goşa Jemileden birki ýaş ulam bolsa, Täçjemal oňa bir işem buýurmazdy. Ol ulalansoňam uzakly gününi oýun bilen geçirerdi. Ýa tuda, ýa-da erige çykyp, keman bilen Jemiläni keseklär oturardy. Atan kesegi Jemilä degäýse, hezil edip ýyrşarardy. Jemile onuň bolşuny ejeligine-de aýdyp gördi. Täçjemal şonda ölen öküziňki kimin gözlerini agdaryp:
—Kesek degeni bilen öläesiň ýok! —diýip, Jemiläniň ýüzüni aldy. Ogluna bolsa hiç zat diýmedi.
Jemile Goşanyň bolşuny kakasyna-da diýip gördi.
—Hymm… —edip, kakasy gözlerini bir nokada dikip, ilki ony diňledi. Soňam —Oýun edýändir-le—diýip, gelmişegiň nakyslygyny gowa ýordy. —Gaýdyp keseklemez.
Öz gyzyny kesekleýäni üçin Abdy aga Goşa welin hiç zat

diýmedi. Ol aýalynyň birden öýkeläp gidäýmeginden, öz başyndan ýene dullugyň betbagt günleriniň inäýmeginden öler ýaly gorkýardy.
Täçjemal gyzlara okuwlaryny-da doly okatmady. Sekizinji klasy gutaranlaryndan mekdepden alyp galdy. Olary eşek ýaly işledip, özüne hyzmat etdirýärdi. üst-başlaryna derekli egin-eşigem etmezdi. Gyzlar üst-başlaryndan utanyp, ne toýa çykardylar, ne ile. Öýdeçi boldular galdylar.
Döndini on sekiz ýaşy dolandan durmuşa çykardylar. Döndi çykansoň, öýüň işem, meýdan işem Jemiläniň başyna galdy. Hem öý işi, hem meýdan işi Jemiläniň aňkasyny aşyrýardy. Ony obadaşlary mydama arkasy otly haltaly görýärdiler. Ýa-da eginleri güne solan eşikli içde-daşda düwdenekläp, iş edip ýörkä görerdiler. Hiç kim Jemiläni ýa toýda, ýa-da öz deň-duşlary ýaly oba klubuna kino-teatr gelen wagty görmezdi. Özüni bileli bäri öweý ejäniň iňirdisi bilen işden başga zady görmedik Jemile toýa, kino, oýna gitmäge, täze eşik geýmäge özüniň haky bardyram öýdenokdy. Özüni toýa-kino gidýänlerden pes saýardy. Onuň göwnüne bezenip-beslenýänler, toýa-kino gidýänler dünýä üýtgeşik adam bolup inýän ýalydy.
Ol sekizinji klasa çenli okuwa çit köýneklije gatnady. Illeriň gyzy okuwyň soňky günlerinde dürli-dümen eşikler geýip barsa-da, onuň şol bir çit köýnegidi. Gyzynyň şeýdip ýörşüne kakasy-da üns berip duranokdy.
Jemile klasdaşlary bilen sekizinji klasda şol çit köýneklijeligine hoşlaşdy. Klasdaşlary şondan bärem ony diňe çit köýnekli görerdiler. Özünem diňe pagta ýygymynda ýa-da ýegşerilip, ot getirip gelýärkä görerdiler. Jemile oty göterip gelýärkä gabadyndan geçýänleriň kimdigine ünsem bermezdi. Onuň bar aladasy niredenem bolsa köpräk ot tapyp, haltasyny doldurmakdy. Şeýtmese, oňa öýde bir topar mal garaşyp durdy. Getiren oty azrak dagy bolaýsa, öweý ejesi gygyryp-gygyryp, demi tükenýänçä Jemilä gargynardy.
—Munuň meýdanda näme edýänini Hudaý bilsin! Geçene öwelip durýandyr ýa-da «ota» diýip gitse-de, başga zatlara güýmenýändir bi ganjyk—diýip, hüňürdemek hüňürdeýärdi.
Abdy aga aýalynyň gyzyna sögýänlerini eşitmedik bolardy.

Başyny aşak salyp, aýaly Jemilä sögüp bolýança sesini çykarman, mellegiň aňry başlaryna giderdi.
Jemile ilki-ilkiler öweý ejesi käýände kakasyndan haraý isläp, oňa delmuryp baksa-da, soňy bilen kakadan özüne hiç hili hemaýatyň bolmajagyna düşündi. Muňa öwrenişmeli boldy.
Klasdaşlarynyň özi ony görenlerinde: «Jemile!» diýip gygyrardylar. Öz ady tutulansoň, Jemile egninden haltasyny düşürip, bir dem dynç alardy hem klasdaşlary bilen derdinişerdi. Gyzlar käte onuň gününe ýüreklerini awadyp, gözlerini ýaşlardylar.
Heniz süňňi bekemedik çepiksije gyz üçin pagtadan doly fartuklary ýegşerilip gyra çykarmak, tä daň atandan gün batýança biliňi büküp, pagta ýygmak hupbatly bolsa-da, ýygym döwri Jemile heziller ederdi. Sebäbi pagta ýygymynda ol ot daşandaky ýaly ýalňyz bolmazdy. Pagta köplük bolup ýyglansoň, daşynda il-gün, klasdaşlar, obadaşlar bardy. üstesine-de, onuň öweý ejeden hupbat görýänini bütin oba synlap ýörensoň, hemmeler Jemilä hemaýata ýetýärdi. Il-gün: «Jemile-de-Jemiledi». Onuň her salkynda ýüz kilony tegeleýän äpet ganaryny göterişip, maşyna ýükleşerdiler. Maşyndan düşürişip, gapana goýşardylar. Ölçelensoň, dökmäge kömek ederdiler. Pagtalar ölçedilip, gaýtjak bolnanda maşynyň üstünden oňa-da ýer tutardylar.
—Jemile, bärik geläý!
—Jemile, gel, saňa ýer belledik—diýen sesler ümsümje gyz tekere münüp, maşynyň kuzowasyna göz aýlandan, çar ýandan eşidilerdi.
Jemile obadaşlaryndan, hemmelerden razydy. Diňe öweý ejesi Täçjemal bilen kakasyndan närazydy.
Öýde mydama ýüzi alnyp durlansoň, ol il içinde-de kän geplemezdi. Mährem ejeleriniň mährinden ganyp, öýüň bol höreginden iýip-içýän beýleki deň-duşlary aýdym aýdyşyp, gülşüp-degşip, ala-wagyrdylar. Olar käte Jemilä-de her zat diýip degerdiler. Lak atardylar. Şonda Jemile soralan zada gysgajyk jogap berip oňardy, degişmä-de çalaja ýylgyrardy. Jakgyldap gülmäge onuň ýüregi-de galanokdy.
Öýleriniň gabat garşysyndaky däl-de, melleckleriniň aýak ujy

tarapyndaky goňşulary Gülsoltan daýza Jemilä aýratyn-da mähir berýärdi. Ol pagta ýygymyna çagalaryna kömekleşmek üçin barardy. Jemilä-de paýy mydama öz ýanyndan alardy. Jemile klasdaşy Gunça bilen paýdaş bolardy. Gülsoltan daýza dagy köplük bolansoň, paýlaryny derrew bolardylar. Soň ol Jemiläni ýanyndan goýmajak bolup, oňa kömek ederdi.

Jemile dolan fartuklaryny gyra daşajak bolanda-da Gülsoltan daýza çagalaryny kömege ylgadardy.

—Ýusup, Ahmet, baryň, Jemilä kömek ediň!—diýip, biri-biriniň yzyndan ýetişip barýan ogullaryna gygyrardy.

Gülsoltan daýzanyň ogullary-da ejeleriniň diýenlerini iki gaýtalatmazdylar. Derrew kömege ylgardylar. Jemiläniň: «Özüm daşaryn» diýen sözüne-de bakman, derrewjik pagtaly fartuklaryny daşap bererdiler. Ahmet fartuklary gyra eltenden, ganaryň ýanyna oklar gaýdardy. Klasdaşy Ýusup welin beýle däldi. Ol Jemiläniň özem ganaryň ýanyna gelýänçä garaşardy. Ganaryň agzyny Jemilä sakladyp, onuň pagtalaryny ganara özi gapgarardy. Soňra pagtadan boşan fartuklary Jemiläniň inçejik biline, birgeňsi daňşyna-da syn ederdi. Ol ähli fartugyny daňyp bolansoň, onuň bilen bileje ýöräp gaýdardy.

Jemiläniň maňlaýlary bilen sümrüp daňan ak ýaglygynyň aşagyndan gam-gussa bilen bakýan okara gözleriniň owadanlygyny, gyýma gaşlarynyň ähli gyzlaryňkydan gelşiklidigini, Jemiläniň kirpikleri kimin ok ýaly kirpikleriň, onuň syraty kimin gamyş ýaly syratyň hiç kimde ýokdugyny diňe Ýusup bilýärdi. Hiç bir gyzyň Jemile kimin ýygymçy däldigini Ýusup bilýärdi. Sebäbi kä kişiler bir salkynda zordan dört-bäş, aňry gitse, alty fartuk pagta ýygardy. Jemile bolsa on fartugy doldurýardy. Onuň elleri maşyn kimin işleýärdi. Onuň öýünde-de ylgap-ylgap gapy süpürişini, sygyr sagşyny, mellekdäki ekinlere ideg edişini Ýusup ençe wagt bäri synlaý-synlaý gelýärdi. Jemiläni ol hyýrsyz ýüzli öweý ejeden dyndarmak isleýärdi. Ýöne ýetginjek beýtmäge bialaçdy. Ol Jemilä diňe sessiz duýgudaşlyk edip ýördi.

Hiç wagt adamyň ýüzüne seretmeýän Jemile klasdaşynyň özüne bolan içki duýgusyny aňanokdy. Onuň özüne edýän kömegine diňe

goňşulyk üçindir öýderdi. Hamala ýetginjek diňe ejesiniň buýurýanlygy üçin özüne kömek edýän ýalydy. Onsoňam öweý ejäniň sowuklygy sebäpli, ýüregi ir ölen gyzda ýigit hakda pikir öwürmäge duýgam ýokdy.
Jemile klasdaşlaryny diýseň gowy görýärdi. Olary görende hossarlaryny gören ýaly bolýardy. Käte hem dogany Döndiniňkä gidip, derdinişip gaýdardy.
Durmuşa çykansoň, Döndiniň güni gowulaşdy. Ony gaýynlary diýseň gowy görýärdiler. «Senem bir basymjak ýaşyň dolup, öe düşäýsediň» diýip, Döndi gözüni ýaşlap, öweý ejäniň hyzmatyndan ýegşerilýän jigisiniň aladasyny ederdi. «Ýagyr bolduň sen, jigim jan. Öweý ejeden ýedi ýatlaram gowy eken».
Döndi özlerine şeýle jebir berýän öweý ejä zat diýmeýäni üçin kakasyny-da ýigrenerdi.
—Sag-aman senem bir durmuşa çyk bakaly. Soň şol öe barjak däl. Kakamyňam ýüzüni görjek däl—diýip, Döndi aglamjyrardy.
—Doňbagyr adam eken ol. Bizi nähili hupbatlara dözýär.
Dogany: «Senem biri ýygnaýsa» diýse-de, Jemile özüne durmuşa çykmak diýen ykbal ýazylandyram öýdenokdy. Doganynyň diýýän sözleri oňa erteki ýaly bolup duýulýardy. Göwnüne bolmasa, bu ot daşamalar bilen pagta ýygmalar ölýänçä onuň başyndan aýrylmajak ýalydy. «Kim meni başyna ursun» diýip, ol içini gepledýärdi.
Onuň ýanyna käte klasdaşy Gunça oturmaga gelerdi. Öweý eje gyzy jorasy bilenem gürleşmäge goýmazdy. Gunça gelenden Jemilä ýumuş buýrup başlardy.
Käteler Gunça el işini alyp, gije gelerdi. Şonda hezil bolardy. Öweý eje Jemilä buýurmaga gije iş tapmazdy. Jemiläniň bolýan jaýy-da öweý ejeden aýrydy. Täçjemal gelenden, Abdy aganyň öňki aýaly bilen ýaşan jaýyny ini alman, täze jaý saldyrypdy. Ol Abdy agadyr öz yzyna tirkäp gelen ogly bilen şol jaýda bolardy. Jemile bolsa dogany Döndi bilen köne jaýda galypdy. Döndi çykaly bäri ol köne jaýda ýeke-ýalňyz ýaşaýardy. Gyz ilki-ilkiler ýeke ýatyp-turmaga gorkanam bolsa, soňabaka öwrenişdi. Özem şeýdip ýaşamagyň özi üçin kem däldigini bildi. Öweý ejeden iň bolman gije bir daşrakda bolanyny kem görenokdy.

Gunça gelensoň, iki jora ümmüldeşip, tikin iş ederdiler, iç döküşerdiler. Gunça ilki bilen klasdaky täzelikleri gürrüň bererdi. Soň bolsa birinji klasdan bäri gülki ýassygyna öwrülen Soltangül bilen baglanyşykly wakalary aýdyp bererdi. Gunça Soltangül hakda gürrüň berende iki jora jykyr-da-jykyr bolşup gülşerdiler. Jemiläniň göwni açylardy.
Soltangül birinji klasa gelen gününden bäri oňaýsyzlygy, gowşajyklygy bilen özüni tanadypdy. Özi etli-ganlyjady. Pökgüjedi. Sapag-a bir bilenokdy. üstesine-de, iýmän oturýan wagty-da ýokdy. Özem iň yzda, bir özi oturardy. Mugallym käemedik wagty çöregi açyk iýer oturardy, käese-de, partanyň aşagynda bukup iýerdi. Käte iýmäge getiren pomidory elinden gaçyp, öňdäki hatarlara tigirlenip giderdi. Klasa gülki bolardy. Agzynyň hyllygy akar giderdi. Onuň parta kellesini berip, uklap ýatyşyna, düýş görüp, dodaklaryny müňküldedişine hemmeler gülşerdi.
—A gyz, indi dagy onunjy klas ahyry. Henizem iýýä-dä utanman—diýip, Gunça bir gelende Soltangülüň komissiýanyň öňünde bolşuny gürrüň berdi. —Komissiýa girdi klasa. Soltangülem bufetden bulka alypdyr-da, iýen bolup otyr. Utananogam. Mugallym ahyry: «Soltangül, çörek iýme!» diýip, duýduryş berdi. Ol bolsa, iýmesini goýandan-a geçen, gaýtam ýüzüni kürşerdip, öýkelän bolýar. «Çörek iýemok men, bulka iýýän» diýýä…
—A gyz, göwresi dagy çişip-çişip, näteňet bolaýypdyr, hakyt ejesiniň yzyndan ýetäýipdir, azrak iýende bolmaýamyka, gyz!—diýip, Gunça Soltangüli geňläp, ýakasyna tüýkürdi. —Tüf, tüf, daş edewersin.
—Bolýan däldir-dä!—diýip, Jemile gysga jogap berdi.
—Şol bolşuna öýünde hiç hili işem etmeýän eken. Şol, ondan-oňa söw-söwläp ýör. ähli işi ejesi edýän eken. Iň bärkisi, uly iliň gidýän pagta ýygymyna-da baranog-a. Ne çaý-suwa kömek edýä, ne mellege.
—Ejesi läliksiredýändir-dä.
—Hawa-da. Ýeke çagasy. Läliksiredýän bolmagam mümkin.
Soltangülden soň Gunça ähli klasdaşlary, gören kinolary hakda aýdyp çykardy.

Soňy bilen Gunça Soltangülden soň gürrüň etmäge has üýtgeşik tema tapyldy. Ol bir gün agşam Jemilä özüne klasdaşy Allamyradyň hat ýazandygyny gürrüň berdi. Şondan soň ol her gezek gelende wagtynyň köpüsini Allamyrat hakda gürrüň edip geçerdi.

Jemiläniň klasdaşlarynyň onunjy klasy tamamlamaly ýylynyň bahary Jemiläniň-de bagt ýyldyzy şugla saçdy.

Ene bir gün agşam Gunça Jemiläniň ýanyna oturmaga geldi. Şonda ol has-da üýtgeşik habar getirdi. Ol birsyhly ýyrşaryp, geleli bäri Jemilä gözlerini güldürip seredýän-de bolsa, ejesidir kakasy daga çaý-nahar daşajak bolup, Jemile jorasynyň üýtgeşik bolşuny duýmady. Ahyry ol çaý-nahar daşama işini birýüzli edip, gap-gaçlaryny ýuwuşdyransoň, jorasynyň ýanynda çökdi. Eline tikin işini aldy.

–Nädýäň? Bukjaňy dolýaňmy?–diýip, Gunça ýene jorasyna ýylgyryp bakdy.

–Bukja dolma näme işlesin!–diýip, Jemile uludan dem aldy. –Bir zat tikip ýetişsem, derrew gelnejem geýip ýetişýär.

–Belanyň sapynam bermezler!–diýip, Gunça Jemiläniň ejeligine gaharlandy. –Özi tikinsin! Eli ýokmy!

–Bermäniň bormy!–diýip, Jemile ör-gökden geldi. –Zat bermeseň dagy ol aýal meni öýde-de saklatmaz!

–Şu çaka berseň beripsiň tiken işleňňi, indiberi berme–diýip, Gunça köpmanyly ýylgyrdy. –Indi ejeňe: «Men basym çykýan, öz bukjamy doldurmaly» diýäý!

Gunçanyň bu sözleri ot daşamadan başga zadyň pikirinem edip görmedik Jemile üçin tomsuň güni ýyldyrym çakan ýaly boldy. Ol Gunça oýun edýändir öýtdi.

–Hih–edip, içini çekdi. –Aýdýanyň näme, jora jan, heý, menem bir ejeligime şoň ýaly sözler diýip bilerinmi! «Kime çykýaň» diýip, daşyma geçäýse, näme diýerin!

Gunça iş salýan düwünçeginden hatly bukjany aldy-da, Jemilä tarap süýşürdi:

–Ine, şuňa çykýan diý-de, aýdaý. Saňa hat iberdiler.

Haty görende Jemiläniň ýüregi sogrulan ýaly boldy. Ýene içini çekdi:

–Hih! Onyň näme! Ýygnawer basymjak, birden biri geläýmesin!

Jemiläniň ýüzi gorkudan ak tam boldy. Gunça ony köşeşdirdi:
–Şu çaka-ha şu ýerde ikimiz otrkak adam gelmändi, indem gelmez, gorkmasana sen!
Jemile gorkudan saplanman saňňyldady:
–Kakam biläýse, kellämi alar!
–özüne muň ýaly ýigidiň giýew boljagyny bilse, kakaňam kelläňi alasy ýok-la –diýip, Gunça ýene haty Jemilä tarap süýşürdi.
–Alsana, gyz, gorkma-da, okap gor!
Jemile hata el uzatmady:
–Kimden ol?
–özüň oka-da gör, men nä bileýin! –diýip, Gunça belli bir zat aýtmady. –Maňa-ha muny Allamyrat berdi. «Şuny Jemilä eltip ber» diýdi.
–Onda-da özüň okaýsana, men-ä birhili görýän –diýip, Jemile uýaljyrady.
–Aý, oka diýseň, okaýaryn–diýdi-de, Gunça bukjanyň bir gyrajygyny emaý bilen ýyrtyp, haty açdy. –«Bu haty ýazýan klasdaşyň Ýusup» diýip, hatyň ilkinji sözlemini okady.
Tolgunmadan Jemiläniň ýüzi lap-lap gyzdy. Ýaňaklary nar ýaly gyzardy.
–Waý-eý –diýip, bu garaşylmadyk ýagdaýa näderini bilmän, aljyrady.
Ýusubyn haty kän däldi. Onda suwjuk sözlerem ýokdy. Gunça haty pessaý sesbilen okady:
–«Men mekdebi tamamlap, Aşgabada okuwa gitmekçi, Jemile. Eger sen razy bolsaň, ejemi sawçy ibermekçi. Sebäbi Aşgabada senem özüm bilen äkitmekçi. Seni bagtly edesim gelýär. Besdir, öweý ejeň hyzmatyny şunça ýyl edeniň. Meniň üçin dünede senden eziz adam ýok. Özüňem meniň diýenime razy bolsaň, basym habaryňy iber!»
Gunça haty okap bolup, ýylgyrdy:
–Bä, illeriň söýgüsini!
Jemile utanyp, aljyramadan birbada näme edýäninem bilmedi. Iki eli bilen ýüzüni tutdy. «Ýusup!» diýip, hyýalynda gaýtalady. Pagta ýygymy döwründe onuň öz fartuklaryny daşamaka kömekleşýän pursatlary göz öňünegeldi. Birdenem, özünem öweý ejäniň irginsiz iňirdilerinden, hyzmatlaryndan dyndarjagyň

barynabegenmeden ýüregi ezildi. Gözowalaryna ýaş ýygnandy.
Gunça onuň ellerini ýüzünden aýyrdy:
–A gyz, menden uýalmaň näme! Men Ýusup däl-ä!
Jemile begençden ýylgyrdy. Ýylgyrsa-da, ol gözýaşlaryny bukup bilmedi. Gözowa ýygnanan gözýaşlar ýaňaklarapaýrap döküldi. Jorasynyňgözýaşlaryna Gunça düşündi.
–Aglamasana –diýip, oňa göwünlik berdi. –Indi seniň bagtly boljak günleriň uzakda däl. Gör, seni nähili gowy ýigit halapdyr. Klasymyzyň otliçnigi, obanyň iň syratly ýigidi. Olaň maşgalasy-da obada sylanýan maşgala. Gyzlar dagynyň bar gürrüňi Ýusup. Ýusubyň ünsüni özlerine çekip bilseler, armanlary ýok olaň…
Soňra iki jora biraz salym seslerini çykarman oturdylar.
Jemile Ýusubyň özüne hat ýazanyna begendi. Şatlanyp, ýüregi kapasa salnan guş dek bökdi. Basymjak daň ataryny diledi. Şatlygyny dogany Döndä bryp aýdasy gelýärdi.
–Hawa, sen indi onuň diýäni bilen razylaşýaňmy? –diýip, Gunça ahyry Jemilä gep goşdy.
Jemile şatlygyny gizläp durmady. Ýylgyrdy-da, baş atdy.
–Hawa –diýip, utanjyrap, pyşyrdy bilenaýtdy. Soň ýene uýaljyrap gepledi. –Owadan-owadan geýnişip ýören gyzlar barka ol nädip meni haladyka?!
–Owadan köýnek nämemiş, gyz! –diýip, Gunça jorasynyň pikirini makullamady. –Köýnegi söýüp bolýarmy näme! Sen nähili owadan hem işeňňir, adamkärçilikli.
–Waý-eý, goýaweri! –diýip, Jemile Gunçanyň öwgüsinden utanjyrady.
–Men ertir seň habaryňy Atamyrada aýdaryn –diýip, Gunça Ýusubyň hatyny epläp, Jemilä uzatdy. –Me, muny beri ýygnaweri.
–Sen saklaýsana. Men ony senden soň, durmuşa çykamsoň alaýaryn –diýip, Jemile ýene gorka özüni aldyrdy. –Bu heleýiň eline dagy düşäýse, meň günüm neneň bolar! –Ol öweý ejesiniň adyny tutman gepledi. –O heleý käte «Işiňi bolduňmy?» diýip, meň düwünçeklerimi dörüberýä. Seň ejeň her zadam bolsa, öz ejeň-ä. Görände-de zat diýip durmaz.
Gunça jorasynyň diýenini etdi. Ýusubyň hatyny özi bilen alyp gitdi.

Jemile gijesi bilen Ýusup hakda pikir edip çykdy. Bagtlylykdan bir ýylgyrdy, bir aglady. Ýigidi düýşünde gördi. Düýşünde oňa öz razylygyny aýtdy.
Irden turup, ol özüne timar berdi. Öňler ýaglygyny maňlaýy bilen sümrüp daňyp, sygyr sagmaga atylan bolsa, bu gezek ilki saçlaryny darady. Saçlaryny başyna birgeňsi edip orady. Soň ýaglygyny gelşikli edip daňdy. Ýörände seýkin basdy.
ömür ýaglygyny maňlaýyna sümrüp, ylgaşlap ýören gyzyň bu günki timarlananany, ýörände sülmüräp, ulugyzsyraýşy Abdy aganyň-da, Täçjemalyň-da, Goşanyň-da gözüne ildi. Olaryň barysy Jemilä aňk bolup seredişdiler. Hatda özüne mazaly timar berensoň, görki has-da artan ýaly bolan gyza Täçjemal hyrydaram boldy.
–Seň şunyň-a hiç kime bermän, Goşa jana çataýsam-da ahmal –diýip, ol Jemilä eşitdirip, adamsyna gepem goşdy. –Bir öýde ýaşasalaram, dogan däl-ä olar. Muň ýaly owadan gyzy kesekä berip bolmaz! Il muny hor-homsy edermi, nämemi! Seret, özem ýetişdigisaýy görklenip barýa!
Täçjemala Abdy aga hiç zat diýmedi. Onuň diýen zatlary Jemiläniň ýüreginden ok bolup geçdi. «Daş edewersin, Hudaý jan. Şunuň yzyna düşüp gelen betnyşana bir sataşdyrmaweri!» diýip, ol içinden gorky bilen öwran-öwran gaýtalady. «Bu aýalda utanjam ýok, akylam. Bir öýde dogan ýaly bolup ýaşap ýören adamlaram, heý, biri-birine çatyp bolarmy! Akyly bolsa şeýle zatlar edermi bi!»
öweý ejesi özüni birden Goşa zor bilen çatmakçy bolanýada näme etmelidigi hakda Jemile pikir edip goýdy. «ölsem-de barman şo tentege. Gaçyp, ýa Döndülere, ýa Ýusuplara giderin!»
Öweý ejesiniň sözleri onuň keýpini gaçyrdy. Söýgi hatyna açylan ýüzi ýene gamaşdy. Öýdäki işlerini haýdap, birýüzli edensoň, ota gitdi. Ýol ugruna dogany Döndiniňkä sowuldy. Oňa Ýusubyň özüne hat ýazanyny aýtdy. Bu habara Döndem begendi. Begençden hatda gözlerinem ýaşlady.
–Şol öýden senem bir basymjak gaýt, jigim. Razy bol Ýusuba. Gülsoltan daýza-da, adamsy-da gaty gowy adamlar –diýip, Döndi Jemilä maslahat berdi. Öweý ejesiniň Goşa çatmak hakdaky gürrüňine bolsa gaharlandy. –Hany, şo heleý şol tentegine alybilşinden alsyn seni! –diýip, dişlerini gyjady.

Aýal doganyndan hemaýat tapan Jemile ömründe ilkinji gezek ota guş bolup uçup gitdi. Ökjesi ýeňledi. Haltasyny derrew doldurdy.
Ol öe gaýtmak üçin otdan doly haltasyny arkasyna alyp, ýaňy suwly ýapdan geçipdi. Şol wagt:
–Jemile!–diýen tanyş ses eşidildi. –Jemile, saklan!
Jemile haltasyny ýerde goýup, ses gelen tarapa seredende ýüregi jigläp gitdi. Mekdep tarapdaky ýoldan uly-uly edimläp, Ýusup ýetip gelýärdi. Ony görenden Jemiläni şagga der basdy. Utandy. Aljyramadan ýüregi agzyndan çykaýjak bolup, dyzlarysaňňyldady. Ýigit gabadyna gelende utanyp, aşak bakdy.
Ýusup gelenden goltugyndaky papkasyny Jemilä uzatdy:
–Me, şuny sakla!
Jemile papkany almanka, «Biri göräýmesin» diýen ätiýaç bilen töweregine gorka ýaltaklady. Onuň howsalasynyýýu duýdy.
–Gorkma! Bi giden meýdanlarda senden başga jemende ýok, Jemile –diýip, ýigit uludan dem aldy. –Bu meýdanlardan ot daşamaga diňe seni dözýäler.
Jemile sesini çykarmady. Ýigidiň ýüzüne seredip bilmän, ýene aşak bakdy. Onuň uzadan papkasyny emaý bilen eline aldy.
Jemilä papkasyny berensoň, Ýusup onuň otly haltasyny egnine aldy. Gyzy bükülmäge mejbur edýän doly halta agyr-da bolsa, daýaw ýigidiň egninde agramsyz ýalydy. Ýigit ony çaga göteren ýalyjak edip göterdi-de, ýöräberdi.
–Hih!–edip, tämiz üst-başy bilen tot-tozanly haltany göteren ýigide bakyp, Jemile geňirgendi. Utanyp duran-da bolsa, geplemäge mejbur boldy. –Goýaweri haltany ýerinde, üst-başyňy nädersiň! –Şeý diýip, gyz haltadan asyldy. –Getir, özüm götererin.
–Degme! –diýip, Ýusup öňe ädim urdy. –özüm götererin.
–Waý-eý, biri görse näderin, öýdäkilere aýdarlar! –diýip, Jemile delmurup gepledi. –Haltany goý-da, gideweri!
–Görseler, görüp geçsin! –diýip, Ýusup öz diýenini tutdy. –öýdäkileňňem öň-soň bilmeli bolar-a!
Gyzda onuň yzy bilen ýöräbermeden başga alaç galmady. Özem:
–Waý-eý, gidäýsene! –diýip, ep-esli ara çenli ýalbardy gitdi. Ýigidiň gitmejegine gözi ýetensoň bolsa, ýene bialaç dymmaly

boldy.
–Men her gün okuwa barýarkamam, gelýärkämem şu meýdanlarda seniň bir özüň ot ýygyp ýöreniňi ýörýärin –diýip, Ýusup ýöräp barşyna Jemiläniň ýüzüne bakyp gepledi. Ýigidiň otlukly nazrlaryny gabak astyndan synlan gyzyň bütin endamy jümşüldäp gitdi. Şu pursat onuň ýadyna Bagt guşy hakda gören düýşi düşdi. Ýusubyň: «Jemiläniň başyna gon!» diýip, Bagt guşuna ýalbaryşyny ýatlady. «Ýusubyň şeýdip, maňa kömek etjek bolşumyka ol?» diýip, içinden pikir öwürdi. Birdenem, Bagt guşunyň öz başyna däl-de, Soltangülüň başyna gonuşyny ýatlap: «Eý, Hudaý, ol nämäniň alamatyka?» diýip, hopugdy. «Alla gowusyny etsin» diýip, dileg etdi.
–Näme pikire batdyň? –diýip, Ýusup otly haltany ol goltugyndan beýleki goltugyna geçirip, Jemileden sorady.
Jemile: «Hiç-le» diýen manyda başyny ýaýkady. Soňam: «Gören düýşümi Ýusuba aýdaýsammykam?» diýip oýlandy. Ýöne: «Düýşümde seni gördüm» diýip durmaga ejap etdi-de, sesini çykarmad.
–Indi ep-esli gyz bolupsyň. Basym on sekiz ýaşaýaň. Uly gyz halyňa şeýdip, bir özüňi meýdana iberip ýörmäge kakaň neneň dözýäkä? –diýip, Ýusup ýene gepi Jemiläniň gara gününe syryrkdyrdy. –Ol, ejeligiň yzyna düşüp gelen bihepbe getirende bolanokmy oty?
–Kakam pahyrda günä ýok-la –diýip, Jemile dözmezçiik bilen kakasyny goraglady. –Ol aýaldan gorkýa ol… Gider öýdýä…
–Ogly şonça ýaşansoň, nirä gitsin-aý ol! –diýip, Ýusup dogumly gepledi. –Kim ýygnasyn indi ony bi ýaşdan soň! Gidende seň kakaňdan gowyny tapjakmyşmy!
–Bilmedim-dä! –diýip, Jemile uludan dem aldy.
–Men Allamyratdan iberen hatymyň jogabyny hut özüňden eşideýin diýip geldim, Jemile! –Şeý diýip, Ýusup haltany ýerde goýup, aýak çekdi. Gyzyň ýüzüne dikanlady. –Men seň bolup ýörşüňedözemok. Saňa ejemiňem ýüregi awaýar. Seň öweý ejeňe olam sögýär. Men seni öweý ejäniň elinden basymjak äkitmek isleýän!
Jemile Ýusubyň ýüzüne seredip bilmedi. Tolgunmadan ýüzi çym-gyzyl boldy. «Nädip haltany onuň elinden kakyp alyp gidip bolarka?» diýip oýlandy. Şu pikir bilen halta elini uzatdy.

–Muny özüm öýüňize eltip berjek –diýip, Ýusup haltany berk tutup durşuna ony gyza bermedi. –Sen maňa jogap ber!
–Men aýtjak zatlarymy Gunça aýdypdym. Getir haltany. Biri görüp, kakama aýdaýsa, ol öldir meni!
Şeý diýip, Jemile Ýusubyň papkasyny onuň eline tutdurdy-da, haltasyny ýigitden çekip aldy. Otly halta çepiksije gyzyň gerdenine «münensoň», gyz düwdenekläp, öňe atyldy.
«Betbagt görgüli» diýip, otly haltanyň aşagynda ýegşerilip barýan gyzyň yzyndan seredip durşuna Ýusup pikir öwürdi. Abdy aga gahary geldi. «Heleý» diýip, boýy ýeten gyzyny harlap ýörşüni. Munuň deň-duşlary günde bir köýnek geýip, ýaýnaşyp ýörler» diýip, ol öz ýanyndan gyzyň kakasyna igendi.
Birdenem özünden barha ara açyp barýan gyzyň yzyndan gygyrdy:
–Jemile! Ejemi haçan ibereýin?!
Gyzdan ses çkmady. Ol düwdenekläp, barha batly ýöräp, ýigitden has daşlaşyp barýardy.
Bu wagt Jemiläniň bar küýi-köçesi Ýusuba jogap bermek däldi. OlŽ «Ýusup bilen gepleşenimi hiç kim görmedik bolaýbilseýdir» diýip, dileg edýärdi. Hem özüni halan ýigidiň gaşynda iki bükülip, otly haltany göterip barşyna utanýardy. «Näme üçin gelýäkä bi, näme üçin?» diýip, Ýusubyň öz yzyndan gelmesine-de janyny ýakýardy.
Ol ylgaşlap-ylgaşlap ýadady. Dynç alasy gelýärdi. Ýöne säginäýse, yzyndan Ýusup ýetip geläkjek ýalydy. Şonuň üçin öýüne ýetmäge howlukdy.
Jemile ýadawlykdan haslap, ahyr deminde öýüne ýetdi. Ony öýleriniň gapdalyndan akyp geçýän ýabyň köprüsiniň ünde öweý ejesi bilen onuň ogly Goşa garşylady. Özünini bileli bäri otdan gelýärkä öňünden öweý ejesiniň çykanyny görmedik Jemile özüniň bu günki garşylanyşyny geňlemän durmady. Derrew: «Ýusup bilen gelýänimi bir görmedik bolaýbilseýdir» diýip, içini gepletdi. Ýöne ol pikir öwrüp ýetişmänkä, öweý ejesi onuň üstüne ajysyny pürkdi:
–Näme, ýanyňdaky ýigidi taşlap gaýdaýdyňmy?
öweý ejesiniň sözlerine Jemiläniň üstünden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. «Waý, mn aýtdym-a görerler diýip, aýtdym-a» diýip, içinden gynanç bilen gaýtalady. «Indi meni näderkäler?»

Jemile sesini çykarmady-da, öweý ejesiniň ýanyndan aýlanybrak geçiberdi. Täçjemal onuň haltasyndan itip goýberdi. Haltanyň agramyna büdräp, Jemile ýykyldy. Halta-da gapdala togalandy. Jemile hasanaklap galyp, haltany süýrekledi-de, ot dökýän ýerine eltdi. Soň öweý ejesiniň ýene özüne tarap gelýänini görüp, öe atyldy. Içerik girip, gapyny berkledi.
Täçjemal onuň yzyndan girip durmady. Ýöne daşarda gykylyk baryny turuzdy:
—Wah, men bir garamaňlaý bolmasam, bi ojaga gelermidim! Iliň ýetimini saklamak başyma galarmydy! Ine, indi şunça ýyl bäri bi ojagy ojak etjek bolup, ylgap ýörsemem, iň soňunda biabraý bolup galmaly boldum!
—Näme boldy-how? Sesiň näme? —diýip, aýalynyň gykylygyna ýüzüni ak tam edip,Abdy aga ýetip geldi.
Täçjemal hamala, sesini hemmeler eşitsin diýýän ýaly, öňküsindenem beter örç aldy:
—Gyzyň ota gidýän diýip, asyl meýdanda onuň-munuň bilen sataşyp hezil edýän eken. Ine, gör-de dur, ertirki gün gyzyň saňa abraý getirse, meniň zat bilmedigim. Asyl indi ony seniň duluňdan adamam ýygnar öýdemok! Gyz boýuna eline çaga-çuga diýip, bir zat alaýmanka, alajyny edewer onuň.
—Näme bolan bolsa, düşnükliräk aýdaýsana-how! —diýip, Abdy aga janykdy.
—Men häli, dostumyň ýanyndan gelýäkäm gördüm. Gülsoltan daýzanyň ogly Ýusup Jemiläniň haltasynyn göterip gelýän eken —diýip, Goşa-da gepe goşuldy.
«Işim gaýtdy!» diýip, girere deşik tapman, elewreýän Jemile bu gürrüňleri eşidip oturyşyna gaýgy-hasrata özüni aldyrdy. «Indi näderkäm?»
Häzir onuň üstüne düne ýykylyp gelýän ýalydy.
Jemile gapyny hernäçe berkledimmikäm diýse-de, kakasy ony bir itende açyp, içerik girdi. Jemilede «Indi diri galaryn» diýen umytdan nyşan-da galmady. Ýüzi ak tam boldy. Kakasynyň ýüzüne seretmäge miltem etmedi. Howpa sataşan kirpi mysaly, boýnuny ýygryp, «Kelläme uraýmasynlar» diýen gorky bilen iki elini kellesine ýetirdi. Howpdan goranmaga taýýarlandy.
—Men-ä giden meýdanda bir özi galyp, erkek kişi bilen ot

ýygýan gyzyň ejesi diýen ada galyp bilmen. Soňky gün munuň garamatyny götermen! –diýip,Abdy aga bilen bile içerik ätlän Täçjemal jammyldysyny goýmady. Onuň soňky sözleri Jemiläniň içinden parran geçdi. Ol dilini öňküdenem ajadyp, Abdy agany dalady. –Sora. Munuň indi gyz diýerlik abraýy bir galdymyka?
Abdy aga gyzyny urmadam, sögmedem.
–Gyzym, gelnejeň diýýänleri çynmy? –diýip sorady.
Urmasa-da, kakasynyň sesiniň gahara gaýnap duranyny Jemile aňdy. Gyz hatda geplemäge-de gorkýardy. Dili diýenini etmejek ýalydy. Şonuň üçin ol birbada sesini çykarman, «ýok» diýen terzde baş ýaýkady. Jemiläniň bu bolşy Täçjemaly içine köz oklanana dönderdi.
–Gör, bihaýanyň ýalan sözleýşini! A Ýusup näme! Ýusup näme! Goşa jan görüpdir-ä seniň Gülsoltan goňşyň ogly bilen bile gelýäniňi! –diýip, ol agzyndan ak tüýkülik saçdy. Soňam kellesini gapydan çykaryp, daşaryk gygyrdy. –Goşa jan! Gel, balam, aýt! Şu süýtsüziň ýüzüne aýdyp ber kim bilen gelenini!
–Ýusup bilen, Ýusup! –diýip, Goşa içerik girip durman, daşardan gygyrdy.
–Ol diňe şu gün… Klasdaşym bolansoň, otumy göterişdi! –diýip, Jemile zordan seslendi.
–Diňe şu gün diýsene! –Täçjemal has-ža herreldi. Bolan wakany gyzyň boýun almasyna göhi geldi. –Asyl başgalar göterişäýmändir-ä otuňy! –Soňra Täçjemal ýene Abdy aga ýüzlendi. –Eşitdiň gerek gulagyň bilen! Ol ýigit muň otuny ýönelige göterişýänmidir!
Abdy aga Jemilä ýüzlendi:
–Gyzym, dogryňy aýt, Ýusubyň otuňy göterişeni çynmy?
–Diňe şu gün, kaka jan, diňe şu gün –diýip, Jemile aglamjyrady. –Yzymdan ýetdi-de, kömekleşäýdi.
–Sen onda şolara ötägit, gyzym! –diýip, Abdy aga agras aýtdy-da, uludan dem aldy. –Ýigit gyzyň otuny ýönelige göterişýän däldir. Ol seni garamata goýdumy, goý, indi özi ýygnasynam. Men öýden ady ýiten gyz çykaryp, ile gürrüň boljak däl. Bar, ötägit Ýusuplara. Gerek-ýaragyňam al. Gaýdybam, şu öe garaňy salma!
Şeý diýip, Abdy aga çykyp gitdi. Öweý eje-de onuň yzy bilen

çykdy. Kakasynyň öýden kowmasy Jemile üçin urandan-sögenden pgyr boldy. Ol bu öýde jebir baryny görýänem bolsa, mundan aýrylypgtmegi akylyna sygdyryp bilenokdy. Şonuň üçinem kakasynyň özüni kowmasyna zähresi ýaryldy.
—Kaka jan, beýtme! —diýip, kakasynyň yzyndan aglap gygyrdy. —Ursaň, ur, öldür, ýöne öýden kowma, jan kaka! Men nirä gideýin indi!
Abdy aga gaýdyp sesini çykarmady-da, mellegine girip gitdi.
Jemiläniň aglaýan sesini olaryň deňinden geçip barýan Ýusup hem eşitdi. «Hä, biri görüp, eýýäm öýüne ýetiripdir-ow!» diýip, ol içini gepletdi. Jemiläniň «git» diýen sözüne gulak asman, onuň haltasyny göterenine puşman etdi. Ýöne indi giçdi. Puşmandan haýyr ýokdy. Ol öňem jebir görüp ýören gyzyň aladasynyň üstüne alada goşany üçin öz-özüni ýigrendi, gyza ýüregi awady. Jemiläniň ýanyna baryp, oňa göwünlik beresi geldi. Ýöne ol muny edibem biljek däldi. «Häzir baraýsam, Abdy aga kellämi alaýmazmy!» diýibem, içini gepletdi.
öýüne ylgady. Baryp, ejesine bar zady gürrüň berdi.
—Hä, seniň edeniň bar bolsun. Öň ol görgüliniň çekýän jebrini az gördüňmi? —diýip, Gülsoltan daýza Ýusuba igendi. —Gyza gep goşma nämä gerekdi saňa!
—Jemile agalaýar, eje! Gitsene olara! —diýip, Ýusup ejesine delmurdy. —Kakasy uran bolaýmasa ony!
—Hä, edeniň bar bol-a, edeniň bar bol-a seniň! —diýip, Gülsoltan daýza ýene Ýusuba igendi. —Git diýýäň sen. Gyza habar gatmak üçin pişmelije, süýjülije, ýanyňa dogan-garyndaşyňy alyp gitmeli ahyry! Men bu gyssagarada nädip ýetişeýin bu zatlara.
—Kadalaňňy sok edäýsene, eje! —diýip, Ýusup ejesini gyssady. —Sen ony urup öldüräýmänkäler, baryp bir gaýt.
Gülsoltan daýza birbda janyksa-da, özi Ýusupdan beter howlukdy. «Ol haram öweý ol çagany urup öldürmese-de biridir» diýip, içini gepletdi. Öýüň içinde hozanaklap, düwünçegine süýji daňyp ýörşüne:
—Bu gün çarşenbe günem-ä däl. Beýle haýyrly iş üçin öýden çarşenbe güni çykmaly ahyry —diýip, özbaşyna hüňürdedi. —Bi zamanyň çagasyndan her zada garaşaýmalydyr!

–Eje, bolaýsana! –diýip, Ýusup ejesini ýene howlukdyrdy.

–Bir bahana bilen barmasam, nä ýüzüme baraýyn bumat olara. «Oglum gyzyňy ugradypdyr. Günäsini geç» diýeýinmi! Kakaňa-da hiç zat duýdurman gidibersemmikäm? Ol näme diýerkä?

Ejesiniň şol güýmeň-süýmeň edip durşuna Ýusubyň jany ýandy.

–Bolaýsana, eje! –diýip, sesini has gataltdy. –Kakama-da soň aýdarsyň. Olary köşeşdirip bir gel-how!

Gülsoltan daýza süýjüli düwünçegini goltuklap, ýola düşdi. Ol goňşulara derrew ýetdi.

–Salamälik –diýip, ýylgyryp salam berse-de, Täçjemal oňa «gel-geç» diýmedi.

Täçjemalyň gahary diňe Jemiläniň otuny Ýusubyň göterişeni üçin däldi. Gyzyň abraýly ýa-da biabraý boljagy-da onuň piňine däldi. Gyzyň öz elinden gitmeli pursadynyň ýakynlanyna onuň jany ýanýardy. Onuň göwnüne bolmasa, Jemile ömürlik öz gapysynda hyzmatkär bolup geçäýjek ýalydy. Ine, indi bolsa gyza duýdansyz halatda hyrydar tapyldy duruberdi. Täçjemal öz adamsynyň ýanyna häli-şindi gürrüňçilige gelip-gidip duran, özleriniň goňşulary Gurban aga-da, onuň aýaly Gülsoltan daýza-da diýseň beletdi. Ol öe düşäýse, Jemiläniň han ýaly saklanjagynam bilýärdi. Muny bolsa Täçjemal ilänokdy. Ol öweý gyzlarynyň baran ýerlerinde-de hor bolup gezerini isleýärdi. Bu öe gelip, eje bolmaly aýal gyzlara basdaş boldy. Ol misli, gepe düşmez çaga mysaly, ýetim gyzlar bilen içinden bäsleşýärdi. Olaryň güni gowy bolsa, özüniň çydamajagyny-da bilýärdi. Döndiniň gowy ýaşaýanyna-da onuň jany ýanýardy. Hut gowy ýaşaýanlygy sebäpli, ol biçäre jigisi Jemiläniň ýanyna gelende Täçjemal oňa ýüz berenokdy.

Jemile babatda-ha Täçjemalda ýene bir pikir bardy. Eger adamsy razy bolsa, Jemiläni öz yzyna tirkäp gelen ogly Goşa dakaýmak hakda-da pikir edýärdi. Şeýtse, ol Jemiläniň tä ömri ötýänçä öýünde hyzmatkär boljagyny bilýärdi.

Täçjemalyň sesini çykarman öýüne girip gitmesine Gülsoltan daýza ýüzüne urlan ýaly boldy. Ol birbada näme etjegini bilmedi. Sadylla bolup, biraz durdy. Şol wagt hem mellekden çykyp, onuň ýanyna Abdy aga geldi.

Abdy aganyň ýüzi gamaşyp durdy. Onuň içinde harasat gopýanyny

ýüzünden mese-mälim bilip bolýardy.
Gülsoltan daýza oňa salam bermäge çemlendi. Ýöne ýetişmedi. Abdy aga ýoňsuz gepledi:
–Eger gyz diýip gelen bolsaň-a, ötägit, goňşy. Gyzyň özi barar yzyňdan.
Abdy aganyň ýoňsuz gepine Gülsoltan daýzanyň ýüzi lap-lap gyzdy, ýüregi endiredi. Her zadam bolsa, onuň gaharyna basalyk bolmak niýeti bilen sypaýy söz urdy:
–Wiý, goňşy, siziň bir zad-a gaharyňyz gelipdir.
Abdy aganyň joşup duran gaharynyň böwedi böwsüldi:
–Gahar gelmez ýaly edýäňizmi siz! –diýip, sesini öňküdenem gataltdy. –Sen ilk-ä ogluňy gyzymyň yzyndan ýollap, meni masgaralap, indem menden gaharsyz söz eşitjekmidiň dagy? Ejesiz ýetim gyzyň adyny masgaralap, meni ile ryswa etjek bolduňyzmy?
Abdy aganyň peşe ýalyjak zatdan pil ýasap, gykylyk etmesine Gülsoltan daýza hem gaharlandy, hem haýran galdy. «öweý heleý bu görgüliniň halys enter-pelegini öwräen oguşýa. Bu asyl çagasynyň bgtynyň açyljak-açylmajagy hakda pikirem etmeýän ýaly-la» diýip, Gülsoltan daýza içini gepletdi-de, Abdy aga ýüzlendi:
–Waý-eý, goňşy, şu ýerde goh eder ýaly näme bar! Klasdaş bolup birje gezek gyzyň oty göterilipdir-dä. Göterişende näme! Ýüregi awandyr-da çaganyň. –Şeý diýensoň Gülsoltan daýza Abdy agany çakybam goýbermegi makul tapdy. –Ýürek awamaz ýalymy Jemile janyň bolup ýörşüne. Naçar maşgala halyna ýükçi eşege dönderildi-le o çaga.
Abdy aga gaýdyp sesini çykarman, öýüne girip gitdi. Gepi diňlenmänsoň, Gülsoltan daýza-da yzyna dolandy.
–Abdy aganyň gahary gelipdir! «Gyzymyň otuny göterişip, meni oba masgara etdi» diýýär –diýip, Gülsoltan daýza özüni ýolda garşylan Ýusuba habaryny berdi.
Bu habara Ýusubyň jany ýandy:
–O nähili masgara bolýamyş, eje! Klasdaşyňa kömek masgaraçylykmy eýsem?

Dowamy bar …

Ogulsenem TAÑÑYÝEWA Powestler